# Rowaýata öwrülen ömür

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Teatr we kino sungaty,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Rowaýata öwrülen ömür ROWAÝATA ÖWRÜLEN ÖMÜR

Ol ata-enesinden:
– Gyzym, balam – diýen sözi eşitmedi. Asla olaryň kimdigini, neneňsi adamlardygyny bilmän galdy. Ýeke ata-enesiniň däl,başga ýakynlary, hatda goňşy-golamlary barada-da öňde soňda bilip bilen zady bolmady.
Hiç kim onuň öz adyny, atasynyň adyny bilmedi. Çagalar öýüne kimiň getirip tabşyrandygam belli däl. Şahsy resminamasynda "Kerimowa K." diýen ýazgydan başga zat ýok. Şonuň üçinem orta mekdebi gutaryp, eline şahadatnama alýança onuň adyny "Kerimka"diýip tutdular. Ep-eli ýyldan soň hem oňa – Bahargül – diýip başladylar. Asla ony ýakyndan tanaýanlar hem oňa Gurbangözel, ýa ozalkysy ýaly "Kerimka" diýmäge derek onuň täze adyny tutanlaryny kem görmediler…
Oňa-da "Kärizgenler" atly çeper filmde döreden keşbi sebäp boldy…

…Ykbal ony çagalykda hem eljiretmedi. Entek mana düşmänkä başlanan uruş ony atadan mahrum etdi. Bir ýaşy dolup dolmanka-da gyzjagaz ejesinden jyda düşüpdir. Şeýlelikde ol ene ata mähriniň nämedigini duýman galdy. Ýetlmligiň dagyny çekmeli boldy. Dogan öýünden dalda bolmansoň, kişi öýüniň hem kölegesi ýetmedi. Uruş zerarly emele gelen ýetde-gütdelik diňe uly adamlara däl, eýsem, çagalara hem ýazylgançylyk berenokdy. Açlyk belasy adamlary gysyp-gowurýardy. Şeýle-de bolsa ýeňişe bil baglamak, ruhdan düşmezlik olaryň ertirki güne ynamlaryny artdyrýardy.
Entek gözi gara düşmedik gyzjagaza hakyky hossar gerekdi. Dözümsiz adamlaryň biri ony Baýramalydaky çagalar öýüne getirip tabşyrýar. Soň-soňlar terbiýeçilerden eşidişine görä, ol adam:

–Wah, ýalňyz galan çaga şü, bir alaç edäýiň- diýip, bir garry ene özelenip duransoň, getirdim –diýip, goýup gidipdir.
Okuw ýaşyna ýetinçä ol ýerde boldy. Soňra ony Mary şäherindäki mekdep-internata geçirdiler. Terbiýeçileriň enelik mähri gyzjaga aýratyn täsir etdi. Entek kiçijigem bolsa, menikliligi bilen tapawutlanyp başlan gyzjagazy çagalar öýünde hemmeler gowy görýärdiler. Terbiýeçiler ony ýanlaryndan aýraslary gelenokdy. Onuň dogumlylygy, zehinliligi, ugurtapyjylygy terbiýeçilere ýaraýardy. Özi bilen deň-duş gyzjagazlar, hatda özünden ekabrraklar hem ony ýanlaryndan goýmaýardylar. Dürli gurnaklara gatnaşmaga höwes döretjek bolup çytyraşýardylar… Emma gyzjagazyň saly öçükdi. Beýleki çagalaryň käbirleri herniçigem bolsa ata-enelerini ýatlap göwünlerini hoşlaýardylar. Emma Gurbangözelde ýatlamaga zat ýokdy. Ol wagtal-wagtal oturyp aglap içini boşadýardy. Hyýalynda kakasy bir ýerlerden gaýdyp gelip oňa: “Ýör, gyzym, ejeňem geldi” diýäýjek ýalydy. Emma ol hiç mahal amala aşmajak arzuwdy. Muňa akyl ýetiren gyzjagaz şonuň üçinem körkeýpdi. Terbiýeçileriniň, deň-duşlarynyň ähli tagallalary ullakan netije berenokdy. Onuň ýüzi gýlmeýärdi, dodaklary ýyrşarmaýardy. Mekdep internatdaky gyzykly gurnaklara baryp, deň-duşlarynyň çykyşlaryna-da diňe olaryň göwni üçin barýan ýalydy.Emma bu tutuklyk uzaga çekmedi. Ýöntemräjigem bolsa çagalaryň sungaty Gurbangözelde nähilidir bir oňyn garaýyşyň emele gelmegine täsir etdi. Edil özi sahna çykyp aýdym aýdyp, tans etmesede ýoldaşlarynyň çykyşlaryna höwes edip başlady.
Wagt diýeniňem näme geçip dur. Ol hemme zady ýerli-ýerinde goýmagy hiç-haçan unudanok. Çagalar hem kämillige ýetenlerini duýman galýarlar. Gurbangözel üçinem şeýle boldy. Mekdep internaty tamamlandan soň ýoldaşlarynyä bir topary bilen „Niredesiň, Aşgabat!“ diýip ýola düşdi. Ykbal ony şol mahalky Gara Seýitliýew adyndaky medeni-aň bilim tehnikumynyň gapysyndan getirdi. Talyplyk ýyllarynyňam näme özüne ýeterlik gyzygam, aladasam bar. Gurbangözel ondan üzňe bolmady. Ullakan şäher, ençeme ussat-halypalaryň ilkinji tälim alan okuwjaýy Gurbangözeli özüne imrikdirip başlady. Okady, öwrendi, gurnaklara gatnaşdy. Halypalaryň maslahatlaryny diňledi.

Sungat ugrunda köp çorba sowadan adamlar bilen döredijilik gatnaşygynda bolmagy Gurbangözeliň bu ygra ýykgyn etmegine sebäp boldy. Aýratyn hem bu ýerde işleýän drama studiýasy ony özüne çekip başlady.
Ýörite orta okuw jaýynda sapak alan iki ýyly ony täze arzuw hyýallara atardy. 1958-nji ýylda türkmen ýaşlarynyň bir topary teatr ugrundan ýokary bilim almak üçin Moskwanyň A.W.Lunaçarskiý adyndaky Döwlet teatral institutyna okuwa iberilýär. Olaryň arasynda Ata Alowow, Oguldurdy Mämmetgulyýewa, Hommat Müllük, Aman Baýramberdiýew, Geldi Seýidow, Annadurdy Ylýasow, Begi Suwhanow dagylar bilen birlikde Gurbangözel Kerimowa-da bardy.
–Men Moskwa gitmäge biraz ýadandym. Şonda eýýäm halypalyga ýetişen Aşyr Mämiliýewiň aýdanlary henizem ýadymda.“Sungata berilseň, oňa imrikseň,durmuşdaky müşgülleriň neneňsi çözülendiginem bilmersiň. Ruhy baýlyk iň tämiz çeşmedir. Siz häzir şol çeşmäniň gözbaşyna barýaňyz. Ony özüňize tarap öwürmek size bagly.“
Şeýlelik bilen Gurbangözeliň durmuşynda gyzykly talyplyk ýyllary başlandy. Bu ýerde türkmenistanly talyplar edil bir dogan ýaly agzybirdiler. Diňe bir öz okaýan institutlarynda däl, eýsem, bu ýerde sungatyň başga ugurlarndan bilim alýan watandaşlary bilen hem ýygy-ýygydan duşuşardylar, sungat hakynda pikir alyşardylar. Şahyr Italmaz Nuryýewiň, hudožnikler Gylyç Ýarmämmedowyň, Ýarly Baýramowyň, Durdy Baýramowyň medeniýetiň we sungatyň täsin taraplary barada berýän gürrüňleri Gurbangözeliň we onuň ýoldaşlarynyň nazaryýetde öwrenenleriniň üstüni ýetirýärdi. Olaryň sungat ugrundan ýokary bilim alyp milli sungatymyza uly maşgalasyna goşulmak höwesini artdyrýardy.
Dünýä medeniýetiniň we sungatynyň kaşaň ojaklarynyňbiri bolan bu ullakan şäherde dünýä meşhur halypalaryň mekdebini geçmek Gurbangözel üçin durmuşyň täze gapysydy. Ol gapyny açmak, ýöne bir açmak hem däl,onuň bosagasyndan ätläp, öz ornuňy tapmaga synanyşmak, okuwa baranlaryň ählisiniň hem esasy arzuwydy. Ol Gurbangözel üçin hem gyzykly,hem jogapkärlidi. Yhlas, tutanýerlilik indi onuň üçin ýetdirmeýän menziller däldi. Ol

gören zadyny gaýtalamagy, onda-da körekörlik bilen däl-de, ösdürip aňryýany bilen gaýtalamagy başarýardy. Pus diline suwara bolmagy onuň döredijilik älemindäki ýolunda käbir päsgelçilikleri döredenem bolsa, umuman medeniýet we sungat ulgamynda dünýä derejesindäki eserler bilen, ussat aktýorlaryňdöreden ölmez-ýitmez keşpleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berdi.
1965-nji ýylda teatr sungaty ugrundan ýokary bilim alyp gelen ýaşlaryň tagallasy bilen Aşgabatda Türkmen döwlet ýaş tomasaçylar teatry döredildi. Onuň ilkinji aktrisalarynyň biri bolubam Gurbangözel Kerimowa işe başlady. Şol döwürlerde bu teatr türkmen we beýleki halklaryň dramaturglarynyň iň naýbaşy eserlerini sahnalaşdyryp, türkmen tomaşaçylaryna ýetirmegi başardy. Gysga döwrüň içinde meşhurlyga eýe bolan teatra tanymallyga ýetişen artistleriň bir topary gelip goşuldy. Aktýorlardan edilýän talap hem ýokarlandy.
Bu döwri ýatlap Gurbangözel Kerimowa şeýle düýýär:

–Teatr gaty basym adykdy.Sahnada goýulýan eserler biri-birinden täsirlidi, kämildi. Indi bu ýerde hemme zat çynlakaý görnüşe geçipdi.“Täze küýzäň suwy sowuk“ diýilişi ýaly, täze teatryň aktýorlary gaty zehinlidi. Olar gün-günden taplanýardylar, ösýärdiler. Men işdeş ýoldaşlarymyň üstünliklerine ýüregim bilen begenýärdim.Şol bir wagtyň özünde hem özümi birhili müýnli ýaly duýýardym. Göwnüme men olara aýakbagy bolýan ýalydym. Meniň türkmen dilini bilişim pesräkdi. Şonuň üçinem men ýolbaşçylardan haýyş edip, dili gowy öwrenýänçäm başga bir ýerde işläýeýin-diýip haýyş etdim. Garşy bolsalaram aýagymy diredim durdum. Halys bolmansoň, teatryň şol mahalky ýolbaşçylary maňa respublikan halk döredijilik öýünde işlemegi maslahat berdiler.
Halk döredijilik öýünde ençeme ýyl zähmet çekmegi oňa türkmen halkynyň baý edebi halk döredijiligi bilen birlikde çeper höwesjeňlik sungatynyň halk arasyndaky ülňülerini öwrenmäge, aýdym-saz sungatynyň gadymy ýollary bilen gyzyklamnmaga uly mümkinçilik berdi. Ol ýerde tejribeli medeniýet we sungat işgärleriniň birnäçesi zähmet çekýärdi. Olar ýerli-ýerden

Gurbangözele türkmen dilini öwrenmäge kömek etdiler.
„Täze iş ýerimde maňa şahyr Öwezmyrat Babaýew köp goldaw etdi. Ol maňa hemişe:
– Gurbangözel, sungat işgäri üçin iň zerur zat dildir. Köp dil bilmegiň peýdasy az däl. Emma ene diliňi bäş barmagyň ýaly bilmegiň peýdasyna geljek zat ýokdur- diýerdi. Meniň Öwezmyradyň dil bilşine gözüm giderdi. „Dili şundan gowy bilýän barmyka“ diýip pikir ederdim. Bir gezek men onuň iş otagyna bardym. Onuň ýanynda uzyn boýly, görmegeý oglan bar eken. Olar dil hakynda şeýle bir jedelleşýärdiler welin haýran galaýmalydy. Gapydan giremsoň yzyma çykmaň ebeteýini tapmadym. Öwezmyrat maňa otur diýip, ümledi. Men çekinjeňlik bilen bir gyrada duran oturgyçlaryň birine geçip oturdym. Esli salymdan soň Öwezmyrat elindäki ullakan sözlügi ýapdy-da, myhmana ýüzlendi:
– Sen mamla Gurbannazar, şol sözüň agyl manysy şeýle eken – diýdi. Ol adam belli şahyr Gurbannazar Ezizow eken. Maňa bu iki sany ussat şahyryň bir sözüň üstündäki jedelleri üýtgeşik täsir etdi. Şondan soň meniň türkmen dilini, däp-dessuryny öwrenmäge bolan garaýyşym düýpgöter başgaça boldy.“
Nesibe-dä, teatrdan gaýdanyna gynanyp ýören pursatlary oňa ozalky işdeşleriniň biri gabat gelip:
– Gurbangözel, birki günlükde teatrymyza kinoçylar geldi. Kinoda oýnar ýaly aktýor agtaryp ýörler. Biz olara seniňem adyňy berendiris. Birden sora-ideg edip geläýseler, habarym ýok diýip arkan gaýşyp oturmagyn,aňyrujy ýagdaý bolsa ylalaşawergin –diýýär. Aradan kän wagt geçmänkä, Gurbangözeli idäp başlaýarlar…
Adam ömri ýatlamalardan doly bolýar. Wagtal-wagtal olary hakydaňa getirmäge sebäp bolýan ýagdaýlaram bolman duranok. Ykbalyny kino sungatyna baglan Gurbangözelde ýatlamaga zat köp. Moskwada okan ýyllarynda beýleki talyp ýoldaşlary bilen bu ýerde ýokary sungat mekdeplerinde okaýan türkmenistanlylar bilen duşuşardylar, sungat hakynda pikir alyşardylar. Şahyr Italmaz Nuryýewiň, hudožnikler Gylyç Ýarmämmedowyň, Ýarly Baýramowyň, Durdy Baýramowyň medeniýetiň we sungatyň täsin taraplary barada berýän gürrüňleri Gurbangözeliň nazaryýetde

öwrenenleriniň üstüni ýetirýärdi.Onuň hem sungat ugrundan ýokary bilim alyp milli sungatymyza uly maşgalasyna goşulasy gelýärdi. bolan söýgi artyp başlady.

Halk döredijilik öýünde işläp ýörkä bolup geçen ýagdaýlar onuň teatrda işlemek höwesi gaýtadan oýandy. Halypalara, deň-duş aktýorlara maslahat saldy. Şonda oňa kino sungatynda güýjüni synamagy maslahay berdiler. Şeýlelikde bu ugurda ilkinji ädimler ädildi. Ilki oňa eserde bir ýa iki gezek görüýän gahrymanlaryň keşbini döretmegi ynandylar.

Ilkinji gezek belli türkmen kinorejissory Meret Atahanow Gurbangözele „Ýanýan arabanyň ýoly“ atly çeper filminde Suraýyň keşbini döretmegi ynandy. Keşbiň şowly çykmagy Gurbangözeliň depesini göge ýetidi. Onda saýlan kärine bolan howesini artdyrdy. Ol indi rejissorlaryň nazaryna ilip başlady. Belli kino ussady Osman Saparow ony „Gorkak batyr“filminde oýnamaga çagyrdy. Şeýdibem Gurbangözel Kerimowanyň kino sungatyndaky gyzykly durmuşy başlandy.

Sungat adamsy hemişe gözlegde bolýar.

Belli aktýor, rejissor Baba Annanow hem kino sungaty üçin köp iş bitiren ussat. Onuň kino äleminde döreden keşpleriniň tapawutly bolşy ýaly, rejissor hökmände hem döreden ajaýyp filmleri türkmeh kino sungatynda gaýtalanmajak eserleri sowgat berdi. Olaryň hatarynda „Kärizgenler“ filmini görkezmek bolar. Bu film halkymyzyň geçmuiş taryhyny çeper beýan etmekde aýratyn häsiyete eýedir.

Şol filmde esasy keşpleriň birini–Bahargülüň keşbini döretmeklik Gurbangözel Kerimowa ynanylypdyr. Rejissoryň synçylygy bu ýerde mese mälim bildirip dur. Filmde keşpleri döredýän adamlaryň ýaş aýratynlygynyň dürli-dürli bolmagy işde kynçylyk döredendigi göränýär. Ýöne bu keşbi döretmekde Gurbangözel hiç-hili kynçylyk çekmeýär. Onuň hem esasy sebäbi ol durmuşyň ähli zabunlyklaryny başyndan geçiren adamdy. Ol ýetimligem, ganym urşuň adamlaryň başyna getiren külpetlerinem, açlygy-horlugam görüpdi. Şonuň üçin oňa şol keşbi ynananypdylar. Sebäbi onuň garaýyşynda Beýik ýeňişe bolan ynam bilen birlikde gam-gusa-da, ahmyram bardy. Ýöne ol şeýle seredäýeniňde bidirmeýärdi. Bahargül ýaly uruş

ýyllarynyň gelinlerine mahsus bolan mertlik, beýleki adamlara hem täsirini ýetirýärdi. Filmde bu keşbi synlasaň şeýle mert zenanlara bolan guwanjyň artýar. Olar durmuşyň zenanlara beren ähli eşretlerini, bir gapdala goýup, Watanyň kyn gününde onuň derkaryna ýaramak, şeýdibem özleriniň ynsanlyk borçlaryny berjaý edýärler.
„Kärizgenler“ filmi Gurbangözel üçin uly sungata täze açylan derweze ýaly bir zat boldy. Ol iki sözüniň birinde bu filmi ýatlaýar. Ýogsam ol „Ýanýan arabanyň ýoly“,“Japbakar“,“Ýurt eýesi“,“Gorkak batyr“,“Kakam gaýdyp geler“, „Lebiz“ ýaly şowly çykan filmleride keşp döredip, özüniň zehin başarnygyny görkezip bilen ussat. Ol şol filmlerde türkmen kino sungatynyň ägirtleri bilen bile çykyş etdi. Biri beýlekisinden many we mazmun taýyndan düýpli tapawutlanýan bu filmler tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn garşylandy. Olar hakynda döwürleýin metbugatda köp ýazyldy. Filmlerde oýnan belli aktýorlar hakynda gürrüň edilende Gurbangözel Kerimowanyň ady agzalman geçmezdi. Munuň özi aktrisanyň ussatlyk derejesiniň kämilliginden habar berýär.
Gurbangözel Kerimowa bilen gürrüňdeş bolup, köp meseleleriň başyny agyrtdyk. Şonda onuň halypalaryny mähribanlyk bilen ýatlaýyşy meni haýran galdyrdy. Ol esasan hem meşhur artist, rejissor Baba Annanowy, Türkenistanyň halk artistleri, belli kino ussady Artyk Jallyýewi, Ata Döwletowy köp ýatlaýar. Bu ýöne ýere däl. Gurbangözeliň gysga döwrüň iginde onlarça filmde surata düşüp, meşhurlyk gazanmagynda bu ussatlaryň goldawynyň juda kän bolandygy üçin bolsa gerek.
Türkmende «Gep gepi açýar» diýenem bir söz bar. Men Gurbangözel Kerimowadan kinofilmlere surata düşen ilkinji pursatlaryny ýatlamagy haýyş etdim. Şonda ol ýene-de „Kärizgenlere„ gaýdyp geldi:
Bu meniň kino sungstyndaky iň şowly ädimimdi. Baba Annanow maňa Bahargülüň keşbini ynanansoň, ýanyna ogly Kerim Annanow bilen/Kerim hem bu filmde esasy keşpleriň birini ýerine ýetirýärdi/ ikinji režissor Amanmuhammet Döwletowy çagyryp:
Bahargüle at münmegi, çapmagy ykjam öwrediň – diýdi. Film Durun obasynyň çäklerinde surata düşürilensoň aty hem şol

obada birinden alypdylar. Men her gün diýen ýaly türgenleşik geçdim. Ahyry bir gün:
–Indi boldy, hany surata düşmäge taýýar boluň –diýdiler. Seretsem hiç ýerde at ýok. Görüp ötursam men atdan düşüpdirinde, köpçülige goşulyp gidiberipdirin, At janawaram durup-durup ýadandyr-da, jylawyny süýräp oba tarap gaýdyberipdir. Şonda Baba Annanow maňa:
–Bahargül, at maşyn däl. Düşen ýeriňde goýup gidiberer ýaly, onuň jylawyny hökman gazyga iltemeli – diýdi.
Men gaty utandym. Baba Annanow diýseň hoşgylaw, öz işine ussat adamdy. Ýadamasy- ýaltanmasy bolmazdy. Bile işleşen döwrümizde onuň işsiz , goluny gowşuryp oturanyny gören ýokdur.Ol taýsyz mekdepdi. Şol mekdebiň terbiýesini alanlaryň bihaly bardyr öýdemok.
Gurbangözel Kerimowa bile işleşen ussatlaryny her sözünde ýatlýar. Olaryň sungata bolan söýgileriniň umman ýaly çäksiz bolandygyna guwanýr. Elbetde ussatlaryň işine baha bermek üçin özüňem şol ojagyň ody bilen girip, küli bilen çykan bolmaly. Gurbangözeliň özem şol adamlaryň hilinden. Bu aktrisa hakynda halypalarynyň aýdanlaryny bir ýere ýygnasaň, ep-esli zat boljak. Asla ol mümkin hem däl. Şeýle-de bolsa şu günki günde aramyzda sag-aman ýaşap işläp ýören ussatlarymyzyň öz kärdeşleri barada aýdanlaryny diňlemek,eşitmek ýakymly bolsa gerek.

Täçbibi Gafurowa:
– Egerde men isle kinoda bolsun, isle teatryň sahnasynda Gurbangözeliň döreden keşplerini /dubler/ oýnamaly bolan bolsam, ondan öňürti oýnap bilmezdim.

Amanmuhammet Döwletow, kinorejissor:
–Men „Kärizgenler“ atly filimde ikinji rejissor boldum. Şonda baş rejissoryň tabşyrygy bilen Gurbangözele at münmegi, çapmagy öwretjek bolşumyz ýadymda galypdyr. Kerim ikimiz iki ýerden öwredýärdik. Bir bada kyn gördi. Emma az salymdan ata doly erk etmegi öwrendi. Meni geň galdyran zat, onuň başyna aran işine höwesekligi. Ine, şo-da oňa uly abraý getirdi.

Osman Saparow, meşhur kinorežissor:
– Iň bir kiçijik keşbi hem, uly höwes bilen oýnamagy onuň özgelere meňzemeýän häsiýetleriniňn biridi. Elbetde oňa ussatlyk gerekdi. Gurbangözeliň sabyrlylygyna haýran galardym. Ol hiç haçan maňa ol keşbi beriň, bu keşbi beriň diýmezdi. Nähili keşp berseler şonuň bilen oňardy.

Ene Baýýramberdiýewa:
– Gurbangözeliň ykbalyny kino sungaty bilen baglap, ýeten derejesine baha bermeli bolsam „Ussada ussat diýmeli“ diýerdim.

Gözel Şagulyýewa,Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň halk ýazyjysy:
– Men Gurbangözeli ýakyndan tanamok. Ýöne onuň „Kärizgenler“ atly filmdäki döreden keşbini welin gaty gowy bilýän. Ol edenli, gaýratly, arassa ahlakly, türkmen zenany. Gurbangözel başga keşp döretmän diňe şu keşp bilen çäklenäýenem bolsa, ol tomaşaçylaryň ýadynda häzirkisi ýaly galardy.

Men Gurbangözel Kerimowany gözläp, onuň ýaşaýan ýerine bardym. Kimden salgysyny alsam kam diýyp pikirlenip durkam daşarda oňa gözüm düşäýdi. Ony ozal görmedik hem bolsam, derrew tanadym. Onuň bir mahaly owadan ýüzlerine gasyn düşüpdir. Saçlary agaryp,gerdenler çalaja gysylypdyr. Gözleri kütelse-de,ýüzündäki mähribanlyk kemelmändir. Men oňa seredip köp durdum. Ol mekdepden gelýän oglanjyklar bilen nämedir bir zat barada gçrrüň edip ýylgyrýardy. Olaryň arkasyna kakyp, bir zatlar diýýärdi. Birki gün oň jaňlaşyp, barjakdygymy aýdanymy hakydasyna getirendir-dä. Ol okuwçylar bilen sagbollaşyp, maňa tarap gaýtdy. Saglyk-amanlykdan soň ol şeýle diýdi:
– Oglanjyklar maňa „Bahargül eje, atyň nirede, ony münüp çapasyň gelenokmy“ diýýärler. Menem:
–Balalar, Gahryman Arkadagymyz biziň ählimizi, tutuş türkmeni bagt atyna atardy ahyryn – diýdim.
Hawa, Gurbangözel eje hak aýdýar. Gahryman Arkadagymyz türkmen halkynyň alnyndan ak Gün bolup dogdy.Türkmen medeniýetini we sungatyny görülmedik belentliklere ýetirdi. Dünýä medeniýetine

çäksiz goşant goşan halkymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda döreden gymmatlyklary seljerilip, olara gaýtadan şan berildi. Milli mirasymyzyň merjenleri ylmy taýdan öwrenilip halkymyza ýetirildi. Aýdym-saz sungatymyzda halypa-şägirtlik ýoly dikeldilip, gözbaşdan gaýdýan halk mukamlary derejelendi.
— Bu zatlaryň ählisiniň sakasynda mähriban Prezidentimiz dur. Goý onuň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaçlyk tapsyn-diýip, Gurbangözel eje aýdýar.
Kino sungatynda özboluşly yz goýan bu mähre zenanyň dileglerine bizem goşulýarys.

Nowruz GURBANMYRADOW. Teatr we kino sungaty